1

#113 (135)
среда, 22 февраля 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-nji ýylyň 17-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy we birnäçe möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow gözegçilik edýän ulgamlaryndaky işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzy 2023-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda hususylaşdyrmak we döwletiň garamagyndan aýyrmak boýunça wezipeleriň möhüm ugurlar hökmünde kesgitlenendigini belledi. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda göz öňünde tutulan işleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň geljekde önümçilik we hyzmatlar ulgamlarynda hususy pudagyň ägirt uly kuwwatyndan netijeli peýdalanmaga ýardam etjekdigine, umuman, milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge we onuň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga hyzmat etjekdigine ünsi çekip, wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Begliýew ýurdumyzyň nebiti gaýtadan işleýän senagatyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwrüň talaplaryna laýyklykda ýangyç-energetika toplumynyň düzümleriniň işini mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmagyň, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň wajypdygyny belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow ýurdumyzyň welaýatlarynda ýaz ekişine görülýän taýýarlyk işleri, şeýle hem bugdaý ekilen meýdanlarda ideg etmek işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, bugdaýa agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg edilmegini, gowaça ekişine ykjam taýýarlyk görülmegini we onuň amatly möhletlerde geçirilmegini, bugdaýyň, "ak altynyň" we beýleki oba hojalyk önümleriniň bol hasylyny almak üçin ähli mümkinçilikleriň döredilmegini üpjün etmegiň zerurdygyny nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gözegçilik edýän ulgamlarynda alnyp barylýan işler, hususan-da, Energetika ministrligi tarapyndan elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň elektrik energetika pudagyny okgunly ösdürmek boýunça amala aşyrylýan giň gerimli işleri wajypdygyny nygtap, bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň we döwrebaplaşdyrmagyň möhümdigine ünsi çekdi hem-de bu ugurdaky işleri has-da işjeňleşdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew hormatly Prezidentimiziň ilaty azyk harytlarynyň dürli görnüşleri bilen üpjün etmek boýunça beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän möçberini artdyrmagyň hem-de ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmagyň, bäsdeşlige ukyply önümçilikleri ösdürmegiň milli ykdysadyýetimiziň durnuklylygyny pugtalandyrmaga gönükdirilendigini belledi hem-de amala aşyrylýan bu işleriň esasy maksadynyň ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmekden ybaratdygyny aýdyp, wise-premýere bu ugurdaky işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa Halkara zenanlar güni mynasybetli baýramçylyk dabaralaryny geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda mähriban enelerimize, uýalarymyza we ähli zenanlara çuňňur hormatyň nyşanyna öwrülen bu ajaýyp bahar baýramynyň ähmiýetini nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ahal welaýat mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebini döretmek hakynda we Saçly Dursunowa adyndaky Ahal welaýat lukmançylyk orta hünär okuw mekdebini döretmek hakynda Kararlaryň taslamalary barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, degişli Kararlara gol çekdi we olary sanly ulgam arkaly iberip, wise-premýere resminamalaryň doly ýerine ýetirilmegine we bilimli, sagdyn ýaş nesli terbiýelemek üçin şertleriň hem-de olaryň innowasion tehnologiýalary, täze bilimleri özleşdirmegi babatda mümkinçilikleriň döredilmegine gözegçiligi üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ähli işgärleriniň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy her ýylyň 18-nji fewralynda bellenilýän Türkmenistanyň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# СОТРУДНИКАМ ДИПЛОМАТИЧЕСКОЙ СЛУЖБЫ ТУРКМЕНИСТАНА

**Уважаемые сотрудники дипломатической службы Туркменистана!**

От всей души поздравляю вас с Днём дипломатических работников Туркменистана, ежегодно торжественно отмечаемым в нашей Отчизне!

Благодаря вашей энергичности и творческому подходу к работе успешно решаются поставленные задачи по обеспечению и защите национальных интересов независимого нейтрального Туркменистана на мировой арене. В нынешнем году, проходящем под девизом «Счастливая молодёжь с Аркадаг Сердаром», перед вами стоят более высокие цели по приумножению авторитета нашего государства и усилению его позитивной роли в международном масштабе. Убеждён, что вы внесёте достойный вклад в активизацию регионального и международного политико-дипломатического диалога и торгово-экономического, культурно-гуманитарного партнёрства по всему их спектру!

**Уважаемые дипломаты!**

Нейтралитет, равноправие и добрососедство – это базовые принципы, которыми Туркменистан руководствуется в международных отношениях и во внешнеполитическом курсе с первых дней независимого развития.

Время доказало, что в своей внешней политике наша страна всецело привержена национальным интересам и основополагающим целям Сообщества Наций.

Это подтверждается двукратным признанием статуса постоянного нейтралитета нашего государства специальными резолюциями Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций.

Открытие в Ашхабаде Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии и его плодотворное взаимодействие с Правительством Туркменистана в полной мере олицетворяют миротворческую силу нейтралитета.

Партнёрство между нашей страной и ведущей международной структурой носит стратегический и продуктивный характер, о чём свидетельствует значительное количество резолюций в области поддержания мира, безопасности и устойчивого развития, принятых Генассамблеей ООН на основе наших конструктивных предложений в интересах всего человечества.

По инициативе Туркменистана Генассамблея ООН объявила 2023 год – Международным годом диалога как гарантии мира. Выдвинутая нами новая философия «Диалог – гарантия мира», которая призвана существенно повысить роль правового статуса нейтралитета нашего государства, обрела горячую поддержку со стороны членов мирового сообщества. Во всём этом проявляется тот самый позитивный эффект незыблемых принципов нейтралитета, способствующий улучшению культуры мира и доверия между государствами планеты.

**Работники дипломатической службы Туркменистана!**

Успешность реализации стратегических направлений внешней политики нашей страны обуславливает формирование необходимых факторов для претворения в жизнь крупных международных проектов в области энергетики, транспорта и связи, экологии, высокотехнологичной «зелёной экономики», в культурно-гуманитарной сфере.

Внешнеполитический курс и дипломатия нашей нейтральной Отчизны, опирающиеся на принципы мира и доверия, направлены на создание в международном пространстве благоприятной среды для осуществления долгосрочных национальных программ. И здесь нашей дипломатической службе предъявляются большие требования – задействовать эффективные инструменты политической дипломатии, международно-правовых и торгово-экономических консультаций на межгосударственном и межправительственном уровне.

Уверен, руководствуясь Программой «Возрождение новой эпохи могущественного государства: Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана в 2022–2052 годах», отечественная дипломатическая служба примет активное участие в продвижении нашей образцовой стратегии по достижению конструктивного глобального диалога посредством поддержания мира и безопасности, что выступает в числе приоритетов внешнеполитического курса Туркменистана, а также в приумножении международного авторитета независимой нейтральной Родины!

Убеждён, что наша дипслужба прекрасно справится с решением поставленных важных задач по всемерной защите национальных интересов страны и повышении её позиций в системе международных отношений!

**Уважаемые сотрудники дипломатической службы!**

Желаю вам крепкого здоровья, благополучия и больших успехов в отстаивании интересов Туркменского государства и приумножении его авторитета на мировой арене!

**Президент Туркменистана**
**Сердар Бердымухамедов.**

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЛИТОВСКОЙ РЕСПУБЛИКИ С ДНЁМ ВОССТАНОВЛЕНИЯ ГОСУДАРСТВА

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Литовской Республики Гитанасу Науседе по случаю Дня восстановления государства Литва.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Гитанасу Науседе искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Литовской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ ИОРДАНСКОГО ХАШИМИТСКОГО КОРОЛЕВСТВА

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично сердечные поздравления и наилучшие пожелания Королю Иорданского Хашимитского Королевства Абдулле II ибн Аль Хуссейну и всему народу страны по случаю 30-й годовщины установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Иорданским Хашимитским Королевством.

Отношения между нашими государствами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, а также выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям сотрудничество между нашими странами будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Королю Абдулле II ибн Аль Хуссейну пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Иорданского Хашимитского Королевства – дальнейшего прогресса и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BILEN BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERINIŇ MINISTRLER KABINETINIŇ BAŞLYGYNYŇ ORUNBASARYNYŇ ARASYNDAKY DUŞUŞYK



2023-nji ýylyň 19-njy fewralynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirlikleriniň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşygy boldy. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde myhmany döwlet Baştutanymyz garşylady.

Belent mertebeli myhmana türkmen halkynyň milli myhmansöýerlik ýörelgelerine laýyk gelýän hormat-sarpa bildirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Birleşen Arap Emirlikleriniň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş Ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan mähirli salamlaşyp, iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde surata düşdüler.

Myhman döwlet Baştutanymyza, şeýle-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa, ähli türkmen halkyna Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň we BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministri, goranmak ministri, Dubaýyň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktumyň mähirli salamyny ýetirdi.

Nygtalyşy ýaly, BAE-de Türkmenistan bilen döwletara gatnaşyklaryň ösdürilmegine, şol sanda deňhukuklylyga, özara bähbitlilige esaslanýan uzak möhletleýin söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BAE-niň ýokary wezipeli wekilini Aşgabatda görýändigine şatdygyny aýdyp, Birleşen Arap Emirlikleriniň ýolbaşçylaryna öz adyndan hem-de Gahryman Arkadagymyzyň adyndan iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Döwlet Baştutanymyz geçen ýylyň 21-22-nji noýabrynda BAE amala aşyran resmi saparyny, şeýle hem hormatly Arkadagymyzyň ýakynda Abu-Dabi şäherine amala aşyran saparyny we onuň çäklerinde geçirilen duşuşyklary ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi we iki ýurduň arasyndaköpýyllyk hyzmatdaşlygyň, hemmetaraplaýyn gatnaşyklaryň oňyn tejribesiniň toplanandygy nygtady.

Syýasy-diplomatik ulgamda, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň ugry boýunça türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygynyň özara düşünişmek we hormat goýmak esasynda ösdürilýändigi bellenildi.

Türkmenbaşy Halkara deňiz porty özüniň häzirki derejesinde Gündogar - Günbatar we Demirgazyk - Günorta ugurlary boýunça halkara ähmiýetli iri ulag merkezleriniň biri bolup durýar. Ol Birleşen Arap Emirlikleriniň çäklerindäki portlar bilen logistik baglanyşygy ýola goýmagyň maksatlaryna doly laýyk gelýär. Munuň özi portlary dolandyrmak we logistik hyzmatlary amala aşyrmak ulgamynda ýöriteleşen kompaniýalar üçin bähbitli taslama bolup biler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hyzmatdaşlygy, şol sanda medeni-ynsanperwer ulgamdaky gatnaşyklary işjeňleşdirmek üçin bar bolan kuwwaty doly derejede ulanmagyň maksadalaýyk boljakdygyny belledi.

Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan BAE-niň işewür toparlarynyň wekilleriniň Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýändiklerini tassyklap, mähirli kabul edilendigi üçin döwlet Baştutanymyza ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirlikleriniň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş Ýinistri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen mähirli hoşlaşdy.

Soňra belent mertebeli myhman hoşniýetli arzuwlaryny aýdyp, paýtagtymyzdan ugrady.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

diplomatik işgärleriniň güni bilen tüýs ýürekden gutlady we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa milli diplomatik gullugyň işine hemmetaraplaýyn goldaw berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, gullugyň işgärleriniň öz öňlerinde goýlan möhüm hem-de jogapkärli wezipeleri üstünlikli çözmekde mundan beýläk-de ähli tagallalary etjekdiklerine ynandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärlerini hünär baýramçylyklary bilen tüýs ýürekden gutlady we parahatçylyk söýüjiligiň, bitaraplygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň, özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin açyklygyň Türkmenistanyň daşary syýasatynda we halkara gatnaşyklarynda esasy ýörelgeler bolup durýandygyny nygtady. Häzirki wagtda ýurdumyz kabul edilen resminamalardan ugur alyp, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek ugry bilen ynamly öňe gitmegini dowam etdirýär. Bu strategiýa milli bähbitlere hem-de ählumumy abadançylygy, durnukly ösüşi üpjün etmek maksatlaryna doly laýyk gelýändigini subut etdi.

Döwlet Baştutanymyz milli diplomatik gullugyň işgärleriniň mundan beýläk-de tutanýerli zähmet çekip, dünýä giňişliginde Watanymyzyň abraýyny has-da belende galdyrmaga ýardam etjekdiklerine ynam bildirdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Türkmenistanyň wekiliýetiniň 13-nji fewralda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen Bütindünýä hökümet sammitine gatnaşmagynyň netijeleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Birleşen Milletler Guramasy we beýleki abraýly halkara düzümler bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu işiň çäklerinde Türkmenistan halkara derejede köptaraplaýyn gatnaşyklar ulgamynda degişli işleri geçirýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça ýurdumyzyň wekiliýeti agzalan Bütindünýä hökümet sammitine gatnaşdy. Foruma gatnaşyjylar Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça alnyp barylýan çykyşlarynda BMG-niň howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyndan gelip çykýan borçnamalaryň ýerine ýetirilişi we bu babatda ýurdumyz tarapyndan durmuşa geçirilýän işler giňişleýin beýan edildi. Ýurdumyzyň diwersifikasiýa strategiýasyny durmuşa geçirmek babatda pes uglerodly energiýany ösdürmäge üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, "Türkmenistanyň wodorod energiýasy babatda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça 2022-2023-nji ýyllar üçin "Ýol kartasynyň" ýerine ýetirilişi, döwlet Baştutanymyzyň energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge degişli başlangyçlary beýan edildi.

Türkmen tarapynyň çykyşynda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň aýratyn orny nygtaldy. Bu babatda Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda durnukly we ygtybarly ulag gatnawlarynyň üpjün edilmegi möhüm meseleleriň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň multimodal üstaşyr ulag we logistika düzümini döretmek boýunça iri milli hem-de sebit taslamalaryny amala aşyrmak baradaky başlangyçlar beýan edildi.

Türkmen tarapynyň çykyşynda tebigy betbagtçylyklaryň howpuny peseltmek boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalarynyň birleşdirilmeginiň zerurdygy nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, Ýaponiýanyň Sendaý şäherinde geçirilen BMG-niň Bütindünýä maslahatynda kabul edilen çözgütleriň hem-de 2015—2030-njy ýyllar üçin degişli Çarçuwaly maksatnamanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmeginiň wajypdygy bellenildi. Türkmenistan şeýle hem halkara söwda ulgamynda hyzmatdaşlyga jogapkärli çemeleşýändigini görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, Bütindünýä Söwda Guramasynyň çäklerinde gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Sammitiň çäklerinde BSG-niň Baş direktory bilen duşuşyk geçirildi. Onuň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistana goşulyşýan döwlet, ýagny "işjeň synçy" derejesiniň berilmegi bu guramanyň çäklerinde işi işjeňleşdirmäge hem-de geljekde onuň doly hukukly agzasy bolmaga mümkinçilik berýär.

Döwlet Baştutanymyzyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek hem-de ýurdumyzyň häzirki zaman dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna üstünlikli goşulyşmagyny üpjün etmek maksady bilen birnäçe teklipler, şol sanda BSG bilen ulgamlaýyn hyzmatdaşlyk üçin Iş meýilnamasyny işläp taýýarlamak, bu gurama doly hukukly agza hökmünde goşulmak boýunça görülýän çäreleri işjeňleşdirmek babatda birnäçe teklipler taýýarlanyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň abraýly halkara guramalar bilen köpugurly gatnaşyklary pugtalandyrmaga hemişe uly üns berýändigini nygtady. Şunda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde BMG we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Bu babatda ýurdumyz jogapkärli we toplumlaýyn çemeleşmäni görkezýär. Türkmenistan daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda halkara forumlaryň meýdançalarynda işjeň gatnaşyk edip, parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, energetika, ulag-logistika, ynsanperwer, ekologiýa ýaly ileri tutulýan ulgamlarda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge ýardam edýän netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmak boýunça anyk teklipleri öňe sürýär.

Söwda-ykdysady ulgamda hyzmatdaşlyga hem uly ähmiýet berilýär. Bu babatda ýöriteleşdirilen düzümler, hususan-da, Bütindünýä Söwda Guramasy bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Türkmenistana BSG-ä goşulyşýan döwletiň derejesiniň berilmegi bu gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykmagyny üpjün edip, ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň giňeldilmegi üçin oňaýly mümkinçilikleri şertlendirdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz wise-premýere, daşary işler ministrine bu ugurda toplumlaýyn işleri yzygiderli dowam etdirmegi, umumy bähbitlere laýyk gelýän hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin bar bolan mümkinçiliklerden netijeli peýdalanmaga aýratyn üns bermegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew "Türkmenaragatnaşyk" agentliginiň pudaklaýyn kärhanalaryny tehnologik taýdan täzelemek, optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alyp barýan işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletimiziň ýurdumyzda köpugurly, bäsdeşlige ukyply ulag-kommunikasiýa toplumyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berýändigini hem-de milli aragatnaşyk ulgamyna halkara tejribeden ugur almak bilen, döwrebap tehnologiýalary giňden ornaşdyrmagyň wajypdygyny belledi we agentligiň ýolbaşçysyna bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň jemini jemläp, şu gün möhüm meseleleriň birnäçesine garalandygyny, milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň kabul edilendigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisini tamamlap, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY KATAR DÖWLETINIŇ ŞEÝHLER MAŞGALASYNYŇ AGZASY BILEN DUŞUŞDY



2023-nji ýylyň 20-nji fewralynda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Katar Döwletiniň Şeýhler maşgalasynyň agzasy Şeýh Faýsal bin Nasser bin Hamad Al Tani bilen duşuşyk geçirdi.

Myhman türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik hem-de duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Gahryman Arkadagymyza Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Taniniň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Katar Döwletiniň Emirine we ähli halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi, Türkmenistanyň Ýakyn Gündogaryň ýurtlary, şol sanda Katar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge hemişe taýýardygyny belledi.

Söhbetdeşligiň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy öz adyndan we hormatly Prezidentimiziň adyndan 2022-nji ýylda Katarda Futbol boýunça dünýä çempionatynyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi bilen gutlady hem-de bu sport baýramçylygynyň guramaçylykly geçirilmeginiň tutuş yslam dünýäsi üçin ähmiýetli bolandygyny belledi.

Şeýh Faýsal bin Nasser bin Hamad Al Tani gutlaglar üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň dünýä çempionatynyň geçirilýän döwründe Doha şäherine saparynyň hem-de oýunlaryň birine baryp görmeginiň Katar Döwletine bildirilýän belent hormatyň nyşany hökmünde kabul edilendigini aýtdy.

Duşuşygyň dowamynda energetika, ulag we kommunikasiýa, senagat, oba hojalygy, ýokary tehnologiýalar ýaly ugurlarda türkmen-katar hyzmatdaşlygynyň ösdürilýändigi bellenildi. Ýangyç-energetika toplumy hyzmatdaşlygyň geljegi has uly ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi.

Şeýh Faýsal bin Nasser bin Hamad Al Tani Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowy özi üçin islendik amatly wagtda Katar Döwletine gelip görmäge çagyrdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy çakylyk üçin minnetdarlyk bildirdi. Saparyň möhletleri diplomatik ýollar arkaly ylalaşylar.

Oňyn ýagdaýda geçen duşuşygyň ahyrynda iki ýurduň abadançylygynyň bähbidine laýyk gelýän türkmen-katar hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirildi.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ЗАМЕСТИТЕЛЯ ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ПРАВИТЕЛЬСТВА РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

17 февраля 2023 года Президент Сердар Бердымухамедов принял Заместителя Председателя Правительства Российской Федерации Алексея Оверчука.

Выразив искреннюю признательность за возможность в личной встрече обсудить актуальные вопросы сотрудничества, гость передал главе государства сердечные приветствия и наилучшие пожелания от Президента Российской Федерации Владимира Путина и Председателя Правительства РФ Михаила Мишустина, подтвердив приверженность России традиционно дружественным, добрососедским отношениям с Туркменистаном.

Адресовав ответные тёплые приветствия и наилучшие пожелания высшему руководству Российской Федерации, глава государства с удовлетворением констатировал результативность переговоров, состоявшихся в ходе недавнего официального визита в Туркменистан руководителя Правительства РФ.

В продолжение встречи состоялся заинтересованный обмен мнениями по приоритетным вопросам межгосударственного сотрудничества, основанного на принципах углуб¬лённого стратегического партнёрства и успешно развивающегося по всему своему спектру. При этом был сделан акцент на практической реализации достигнутых договорённостей, призванных придать новый импульс расширению плодотворного взаимодействия в различных сферах.

Важным направлением туркмено-российского сотрудничества выступает торгово-экономическая сфера. На протяжении многих лет Россия является одним из ведущих торговых партнёров Туркменистана. Положительную динамику сохраняет взаимный товарооборот. Продуктивно работает Межправительственная комиссия, в рамках которой осуществляется координация усилий по всему комплексу вопросов двустороннего взаимодействия. Успешно развивается партнёрство в нефтегазовом секторе, транспортной сфере, промышленности и в других отраслях.

Неотъемлемой и важной составляющей межгосударственных отношений является гуманитарная область, где особое место занимают традиционные контакты по линии образования, науки и культуры, здравоохранения, а также цифровых технологий.

В завершение встречи Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов и заместитель Председателя Правительства Российской Федерации Алексей Оверчук выразили уверенность в дальнейшем успешном развитии взаимовыгодного двустороннего сотрудничества, отвечающего общим интересам и выстраиваемого с расчётом на долгосрочную перспективу.

# THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE HEAD OF THE UN REGIONAL CENTER FOR PREVENTIVE DIPLOMACY

On February 21, 2023, President Serdar Berdimuhamedov received Natalya Gherman, who is completing her mission as the Special Representative of the United Nations Secretary-General for Central Asia, Head of the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia (UNRCCA).

Expressing gratitude for the opportunity in a personal conversation to discuss topical issues and promising vectors for further development of long-term fruitful cooperation, the diplomat conveyed warm greetings to the head of the Turkmen state from UN Secretary-General António Guterres, who addressed the people of sovereign Turkmenistan with the wishes of peace, prosperity and success on the path of grandiose transformations.

Thanking for the kind words, the President of the country conveyed his best wishes in return to the head of this authoritative organization, which plays a leading role in the global processes of the modern world.

Expressing gratitude to N. Gherman for her fruitful activity and great personal contribution to the development of cooperation between Turkmenistan and the UN, President Serdar Berdimuhamedov, taking the opportunity, also congratulated her on her appointment as Executive Director of the Executive Directorate of the UN Counter-Terrorism Committee and wished new success and achievements in this responsible post.

“Preventive diplomacy remains a very relevant and in-demand tool to assist states in identifying and eliminating potential threats to peace and security,” the head of Turkmenistan noted.

In this context, it was emphasized that great responsibility rests with the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia, established in 2007 and located in the capital of our neutral state in accordance with the decision of the UN General Assembly with the support of neighboring countries and members of the Security Council.

Cooperation is also being carried out in maintaining regional security, including the implementation of the UN Global Counter-Terrorism Strategy, within the framework of which the fourth phase of the implementation of the joint action plan to counter terrorism in Central Asia is currently being implemented.

The head of Turkmenistan also noted with satisfaction that the mechanisms of multilateral preventive diplomacy have been created and are successfully functioning. These are the initiative “Academy of Preventive Diplomacy” and the Dialogue of Women in Central Asia.

Natalya Gherman once again sincerely thanked for the support provided all these years in the successful work of the diplomatic mission headed by her and the creation of new cooperation platforms, wishing the people of Turkmenistan happiness and success in implementing all the great plans and tasks of the Renaissance of the new era of a powerful state.

At the end of the meeting, President Serdar Berdimuhamedov and the head of the UN Regional Center exchanged mutual good wishes, expressing confidence in the successful continuation and deepening of the traditional partnership for a better future.

## TÜRKMENISTANYŇ DIPLOMATIK IŞGÄRLERINIŇ GÜNI MYNASYBETLI “TÜRKMEN DIPLOMATIÝASY –PARAHATÇYLYGY WE DURNUKLYLYGY ÜPJÜN ETME ÝOLY BILEN” ATLY MASLAHAT

2023-nji ýylyň 16-njy fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Lebap welaýaty boýunça wekilhanasy Lebap welaýat häkimligi bilen bilelikde gurnamagynda Lebap welaýat kitaphanasynda Türkmenistanyň Diplomatik işgärleriniň hünär baýramy mynasybetli “Türkmen diplomatiýasy – parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etme ýoly bilen” atly maslahat Lebap welaýatynyň hakimliginiň, Türkmenistanyň mejlisiniň deputatlarynyň, welaýatyň jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň, bilim ulgamynyň wekilleriniň, talyp ýaşlaryň şeýle hem, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirildi we bu baýramçylyga bagyşlanan sergi gurnaldy.

Türkmenistanyň Diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli “Türkmen diplomatiýasy – parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etme ýoly bilen” atly maslahat Lebap



welaýat kitaphanasynda guralan sergi bilen başlandy. Sergide Türkmenistanyň Halk maslahatynyň başlygy, Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň kitaplary, amaly-haşam we çeperçilik sungatynyň eserleri ýerleşdirildi.

Maslahatda çykyş edenler Türkmenistanyň ussat diplomaty Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň başda durmagy bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň oňyn özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen içeri we daşary syýasaty dünýä döwletleri bilen ýola goýulýan ikitaraplaýyn hem köptaraplaýyn gatnaşyklarynyň ýokary derejelere göterilýändigi, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň we hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň ykrar edilmegi bilen döwletimiziň ýyklymlara tarap giňeýän halkara abraýy-da parahatçylyksöýüjilik, «Açyk gapylar», hoşniýetli goňşuçylyk hem-de deňhukukly özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýaly saýlanyp alnan ýol-ýörelgeleriň dogrudygyny görkezýändigini, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy we onuň düzüm birlikleri bilen täze mazmuna eýe bolan netijeli köpýyllyk hyzmatdaşlyk barada, Parahatçylygy goldamak, durnukly ösüşi üpjün etmek ýörelgelerine esaslanýan türkmen diplomatiýasy bu gün Arkadagly Serdarymyzyň taglymatlary esasynda mynasyp dowam etdirilýändigi barada aýtdylar. Şeýle hem, Milli Liderimiziň döwletimiziň bitaraplyk syýasatyna eýerip, sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmak we özara ynanyşmagyň medeniýetini ýokarlandyrmak boýunça alyp barýan görnükli işleri barada giňişleýin beýan etdiler.

Milli Liderimiziň, Arkadagly Serdarymyzyň dünýä parahatçylygy, bütin adamzadyň abadançylygy, sebitde we dünýäde asudalygy, parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak boýunça öňe sürýän başlangyçlary mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

Günüň ikinji ýarymynda baýramçylyk mynasybetli Lebap welaýat medeniýet merkeziniň maslahatlar zalynda, Türkmenabat şäheriniň, Saýat etrabynyň Sakar şäheriniň hem-de Dänew etrabynyň medeniýet öýlerinde maslahatlar we sungat işgärleriniň taýýarlan aýdym-sazly şowhunly çykyşlary bilen dowam etdirildi.

## GLOBAL ENERGETIKA HOWPSUZLYGYNY ÜPJÜN ETMEK BOÝUNÇA KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYKDA TÜRKMENISTANYŇ ÄHMIÝETLI ORNY

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň ýolbaşçylygy bilen üstünlikli amala aşyrylýan Türkmenistanyň daşary syýasaty milli, sebit we dünýä bähbitleriniň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň täze belent sepgitlerine ýetýär. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän energetika syýasaty milli nebit-gaz toplumyny ösdürmegiň diwersifikasiýasyny, şeýle hem türkmen nebitini we gazyny dünýä bazarlaryna eksport etmegiň kepillendirilmelerini üpjün etmek bilen baglanşykly hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek we halkara derejesinde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly tutumly işleri öz içine alýar.

Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygyna işjeň goşulyşmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny halklaryň bähbidine gönükdirmäge we sebitde, dünýäde durnukly ösüşi hem-de parahatçylygy gazanmaga mümkinçilik berýär. Şu nukdaýnazardan, energetika babatda işjeň halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde dünýä ähmiýetli energetiki taslamalaryň durmuşa geçirilmegi Türkmenistan üçin aýratyn ähmiýete eýe bolmak bilen, bu babatda energiýa akymlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, täze, köpugurly turbageçirijiň infrastrukturasyny döretmek hem-de global energetiki howpsuzlygy gazanmakda energetika serişdelerini howpsuz, üstaşyr geçirmek babatynda halkara tagallalaryny utgaşdyrmak «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022-2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar.

Ykrar edilen tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlary eýeleýän, şeýle hem geografik ýerleşiş aýratynlyklaryny nazara almak bilen, Türkmenistan özüniň halkara hyzmatdaşlygyny diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny, hususan-da, energetika pudagynda, türkmen uglewodorod çeşmelerine we olary daşamagyň serişdelerine hyzmatdaşlaryň deň ygtyýarlylygyny üpjün etmek esasynda alyp barýar. Bu türkmen energiýa geçirijilerini halkara energetika bazaryna çykarmak üçin köpugurly ulag turbageçiriji infrastrukturalarynyň döredilmegini göz öňünde tutýar. Şu babatynda global derejesinde energiýa serişdeleriniň howpsuz we üstaşyr geçirilmegi meseleleriniň ýurdumyz tarapyndan syýasy we ykdysady ösüşiň möhüm guraly hökmünde garalmagy şol wezipeleriň üstünlikli çözülmegi bilen berk baglanyşykda amala aşyrylýar.



Energiýa serişdeleriniň howpsuz we ygtybarly üstaşyr geçirilmegi babatyndaky meseleler Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Türkmenistanyň Prezidenti energiýa çeşmelerini durnukly we uzakmöhletleýin esasda dünýä bazarlaryna çykarmak üçin köpugurly turbageçirijiler ulgamyny döretmekde oňyn özara hereketiň meseleleri boýunça yzygiderli we köpugurly geňeşmeleriň geçirilmegi barada çykyş edýär. Şeýle gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň biri energiýa serişdelerini ygtybarly üstaşyr geçirmegini kepillendirýän, ähllumy we doly möçberli howpsuzlygy gazanmagyň netijeli ýollaryny işläp düzmek bolup durýar. Halkara hukugynyň kadalaryna hormat goýýan oňyn hyzmatdaşlygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini we gymmatlyklaryny ýörelge edinmegiň, häzirki döwürde ýüze çykýan meseleleriň parahatçylykly we özara kabul ederlikli çözgüdini tapmaga gönükdirilenliginiň jemleri halkara giňişliginde Türkmenistanyň daşary syýasat başlangyçlarynyň we diplomatik ädimleriniň güýçli taraplaryny düzýär.




Türkmenistan özüniň ykdysady we energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmaklyga jogapkärli çemeleşýär. Hut şonuň üçin hem energetika pudagynyň gerimini giňeltmek, dürli döwletlere, dünýäniň dürli sebitlerindäki täze bazarlaryna çykmak ýörelgesinden ugur alýar. Bu ugurda Türkmenistan netijeli gural hökmünde iri halkara we sebit guramalarynyň mümkinçiliklerini peýdalanmaklyga aýratyn ähmiýet berýär.

Türkmenistan durnukly ösüş maksatlaryny ýetmek boýunça energiýanyň daşky gurşawa ýaramaz täsirini azaltmaga gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrýar. Bu wezipeleriň üstünlikli çözülmegi üçin ekologik taýdan arassa energetikany, onuň mundan beýläk hem howpsuzlygyny, energobalansyň gurluşynyň amatlylygyny, energotygşytlylygyň dolandyrylmagynyň öňdebaryjy usulyýetleriniň we ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagyny, önümçiligiň we energiýa serişdeleriniň, şol sanda elektroenergiýanyň sarp edilişiniň energonetijeliligini üpjün edýän, ylmyň gazananlaryna esaslanýan täze tehnologiýalary işläp taýýarlamak we önümçilige ornaşdyrmak babatda möhüm işler alnyp barylýar.

Netijede, Türkmenistanyň iri halkara guramalaryň, ilkinji nobatda bolsa BMG-niň çäklerinde yglan eden energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary we durmuşa geçirýän daşary syýasaty ähllumy dünýä ösüşiniň möhüm bölegi bolup durýar.

Bu syýasat diňe bir ýakyn döwürler üçin ýurduň ýangyç-energetika toplumynyň öňe sürülýän ugurlaryny kesgitlemegi däl-de, eýsem türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny amala aşyrmak ýolunda hem şöhlelenýär.

***Göwher ATAJANOWA,***
**Türkmenistanyň Döwlet Energetika institutynyň mugallymy.**